**Muhammet HEJAZY,**
*eýran ýazyjysy*



# Gaýynene

(Hekaýa)

Ömründe surat çekip, goşgy ýazyp görmedik bir ýoldaşym bar. Ýöne ol durky bilen şahyr hem suratkeş. Onuň görýän zatlaryny biz göremzok. Gül, gök ot hem beýleki zatlar hakda aýdýanlaryna düşünemzok. Ol elmydama gözelligiň gözleginde. Ýöne göwnünden turjak gözelligiň müňde bir şerti bar. Ony-da diňe özi bilýär, emma beýan edip bilenok. Şol sebäpli şu çaka çenli özüne mynasyp durmuş ýoluny tapyp bilmän kösenip ýör.

Bir aý mundan ozal ol ýanyma geldi.

— Eger sen, dogrudan-da, bagtly bolmagymy isleýän bolsaň, öwünjeňligiňi taşla-da, meniň hatyrama bir zady haýyş edip, kiçelmäge taýýar bol! — diýdi.

— Dostuň üçin haýyş etmek kiçeldigiň bolmaýar — diýdim. — Bu işiň öz lezzeti bar. Ynsan, haçan-da, men-menlik edýän bolsa ýa özi üçin bolar-bolgusyz adamlaryň ýanynda aglamjyrap, el serýän bolsa, ine, şol peslikdir. «Näme üçin?» diýip soraýsaňam, düşündirip biljek däl. Ýöne dananyň-da, nadanyň-da men-menlik edýänleri ýigrenýändigi, aşyga bolsa hormat goýandygy baradaky pikir welin tebigydyr. Yşk-söýgi ýolunda kim nähili horluk çekse, ol şonça-da il gözüne eziz görünýär. Emma tekepbirlik edip äden her bir ädimiň seniň gadyryňy gaçyrýar. Ýüzüňden geçip bilmän hormatlan bolmaklaryny-da alga alyp bolmaz. Sebäbi zorluk edýänlere goýulýan sarpa ýa gorkudan bolýar ýa-da tamakinçilikden.

Agzyňy açdyň weli, bir zat diýjek bolýaň öýdýän?! Belkem: «Men bu tapmaçanyň syryny bilýän» diýjek bolýansyň?!

— Diýjek zadym ýok. Ýöne men häzir psihologiýadan sapak berenimden, seniň bagtly bolmagyňy has köpräk isleýän. Ýeri, aýt, seniň bagtly bolmagyň üçin elimden näme gelip biler?

Ol haýsydyr bir jenabyň gyzyny görüp halandygyny, sawçy iberendigini gürrüň berdi:

— Buz üstünde tozan araýarlar. «Heniz durmuşa çykardan ir» diýip bahana tapýarlar. Käte bolsa, «Adaglysy bar», köplenç hem «Sen biziň gyzymyza mynasyp däl» diýýärler. Men nädeýin, ýalňyşypdyryn-da! Kalp päkligini puldan, wezipeden möhümräk hem durnuklyrak hasap edipdirin! Men pul tapmagyň deregine, başardygymça özümi, kalbymy pikir gözellikleri, ýagşylyklary bilen bezedim. Indi beýle gözelligi hiç kime görkezip bolmajagyna düşündim. Hatda gara şaýy bilenem deňeşdirip boljak däl. Elbetde, barjamly adam gyzyny meniň ýaly garyba bermez. Ýöne dogry pikirlense, onuň menden hiç hili tapawudy ýok. Menem iýýän, uklaýan, ol hem hernäçe wezipeli bolsa-da şondan artyk hiç zat edip bilmez. Emma, elbetde, ol dünýä malynyň bir bölegini özüniňki hasaplap biler. Şeýle kynçylyklara garamazdan, şol gyz üçin gudaçylyga gidip bermegiňi haýyş edýän. Her niçigem bolsa, onuň kakasy bilen seniň araň gowy...

Dogrudanam, men gyzyň kakasyny gowy tanaýan, maşgalanyň ruhy dünýäsine-de belet. Şol sebäpden gudaçylygyň başa barmajagyny öňünden aňsam-da, ýoldaşymyň boýun burup, özelenip durşuna dözmämsoň, raýyny ýykyp bilmedim, hakykaty gizledim:

— Bolýar, ugruna çykaýyn.

Gyzyň kakasynyň ýanyna gitdim. Başardygymdan ýoldaşymyň ýagşy gylyk-häsiýetleri, akyl-huşy barada gürrüň berdim. Delil baryny getirip, eger är-aýal ýürekdeş bolmasa, baýlygyň, wezipäniň bagtly edip bilmejegini ýatlatdym. «Iki ynsanyň bagtly bolmagy üçin, ikisiniň-de, hiç bolmanda, biriniň ahlak taýdan päk, ýagşy

gylykly, akyl-huşly bolmagy gerek. Meniň bu ýoldaşym örän ahlakly hem ygrarly adam. Özüm-ä million pulum bolsa, şoňa gyzym bilen birlikde berip goýbererdim» diýip tekrarladym.

Akyl-paýhasy, ýadawsyz aladasy bilen baýlyga hem derejä ýeten adam özünden pesleriň sözüne gülüp: «Bu aýdýanlaryňa şygyr hem pelsepe diýerler» diýýär. Ol hem güldi-de:

— Bu aýdýanlaryňa şygyr hem pelsepe diýerler. Ol adam gyzyma mynasyp bolýan bolsa, şu ýaşa çenli jan edip, bir zatlar gazanardy. Maňa taýyn öýe gözüni dikýän giýew gerek däl. Gitsin-de, özi ýaly ahlakly, özi ýaly köpbilmiş gyzy tapsyn! Näme üçin meniň baýlygyma gözüni dikýär?!

— Gel, onda öýkelemez ýaly bir zat edeli...

— Nähili gürrüň edýäň-äý. Men iliň nermi-näzik ýüregi üçin jogap beremok. Öýkelese, jähenneme gitsin!

— Ol sylanýan-hormatlanýan adam. Ony hemme ýerde tanaýarlar, eý görýärler. Siz barada bir gelşiksiz söz aýtsa, gowy däl.

— Näme diýse diýibersin! Akylly adam etjek işini özi biler! Ýöne, hany, seniňem pikiriňi eşideli. Göwnejaý bolsa kabul ederis.

Ikimizem biraz oýa batdyk. Birdenem kelläme bir pikir geldi:

— Gowusy, özüňiz-ä razy bolan boluň, aýalyňyz bolsa garşy çykansyrasyn. Neneň görýäňiz?!

Ikimizem bu teklibi makul bildik. Ol:

— Aýalym zyýarata gitdi. Gaýdyp gelýänçä, iki hepde dagy garaşmaly bolarys — diýdi.

Derrew hoş habary ýoldaşyma ýetirdim:

— Kakasy razy boldy. Ýöne ejesi zyýarata gidipdir. Gaýdyp gelensoň, ony yrmak kyn düşmese gerek. Indi işiň şowly bolmagyny arzuw et-de, garnyňy suwa at-da garaşyber. Soňunam görübereris...

Gyzyň ejesi zyýaratdan dolanyp geldi. Myhmançylyga çagyrdylar. Ol aýaly bilen bir tarapda, menem ýoldaşym bilen olaryň gabat garşysynda oturdyk. Dürli zatlar hakda gürrüň edýärdik. Aýaly biz bilen örän mylakatly, alçak gürleşýärdi. Ýoldaşym geljekki gaýynenesiniň hereketlerini, özüni alyp barşyny sypdyrman synlap otyrdy. Özüniň bagtly ýa betbagt bolmagyny kesgitlejek ýekeje sözüň çykjak dahanyndan gözüni aýyrmaýardy. Oňa nebsim agyrýardy. Başardygymça, onuň umyt-arzuwyny puja çykarmazlyga çalyşýardym. Ýüregim bilen işlerimiziň ugrugyp gitmegini isleýärdim. Ýöne bu myhmançylyk, barybir, ahyrsoňunda gutarmalydy. Bizem beýdip oturmaly däldik. «Goý, näme bolsa şo bolsun!» diýdim-de, söze başladym:

— Siziň huzuryňyza gelmegimiziň maksady Peri hanym üçin söz aýtmak. Dogrudan-da, ýoldaşym bagtly bolmaga mynasyp adam. Onuň adamkärçiligi hakda size aýtdym. Galanyny-da özüňiz görüp otyrsyňyz...

Birden ýoldaşym ýeňimden çekip başlady. Men onuň näme diýjek bolýanyna düşünmeýärdim. Ýöne ol öňküden-de has gaty çekdi. Gözümiň gytagyny aýladym. Ol üm bilen: «Indi boldy, bes et!» diýýärdi. Hernä, öý eýesi hem aýaly aşak seredip otyrdylar, biziň üm bilen gürleşýänimizi görmediler. Aýaly başyny galdyrdy-da:

— Men-ä, dogrusy, ilki razy däldim weli, ýöne bu jenap maňa ýarady... — diýdi.

Birdenem onuň sesi kesildi.

Öý eýesiniň aýalyň köýneginden çekýändigini, tirsegi bilen böwrüne ýuwaşja hymsyklaýandygyny gördüm. Olara pikir alyşmaga pursat bermek üçin başymy aşak salan boldum. Salym geçmänkä, aýaly dillendi:

— Ýok, Peri hanyma durmuşa çykardan heniz irräk...

— Rugsat berseňiz biz turalyň — diýip, ýoldaşym onuň sözüni böldi. Ýerimizden turup, gapa ýöneldik. Olaryň öýünden çykyp-çykmankak, öýüň keýwanysy meni bir gyra çekdi-de, ýuwaşlyk bilen:

— Men Perini siziň ýoldaşyňyza bererin. Adamym bilen işiňiz bolmasyn. Ertir gelip, meni görüň. Gyzymyň ygtyýary meniň elimdedir... — diýdi.

Ýoldaşymyň yzyndan ýetdim. Onuň kalbynda nähilidir harasat gopýandygyny ýüzünden aňdym.

— Hany, Allanyň haky üçin aýt: ýaňky zatlary gaýgy edýärmiň?

— Gaty gaýgy edýän.

— Onda arkaýyn bol, iş bitdi biläý!

Sesini çykarmady.

— Indi şol gyzy duluňa geçdi bil. Öý bikesiniň meni gyra çekendigini görmediňmi? Onuň maňa näme diýenini bilýärmiň? «Men bu ýaş ýigidi gyzyma mynasyp hasaplaýan. Gyzyň ygtyýary meniň elimde» diýdi.

Ýoldaşym uludan bir dem aldy:

— Diýende näme?!

Akyl-huşuny aldyrandyr öýdüp gorkdum.

— Ýeri, näme boldy? Aýtsana!

— Dogrymy aýtsam, maňa düşünmän, üstümden gülersiň öýdüp gorkýan — diýip, ol gürrüňini dowam etdi. — Men gyzyň garran wagty nähili boljagyny ejesiniň keşbinde gördüm. Gyz gülende, onuň agzynyň bir gapdaly aşak sallanýar. Ýaş gyzyň ýüzünde bu gelşiksizem däl. Ýöne şol hereketi ejesiniň ýüzünde görenimde welin, gaty eýmendim. Diňe bu hereketem däl. Ejesiniň ýüz keşbi, hereketleri, seredişi suwjuk hem gelşiksiz eken. Bular edil gyzyň garran wagtlary edip biljek hereketleri. Ýene birnäçe ýyldan soň, şeýle kempir bilen nädip ýaşaryn. Elbetde, sawçylyga barmazdan öň oýlanmaly ekenim. «Ejesini gör-de gyzyny al» diýipdirler ahyryn...

Gaýynenäniň ýüzünden aňyşymyz ýaly, her bir işiň näme bilen gutarjagyny mydama öňünden duýup bilenligimizde, gör, nähili gowy bolardy!

***Pars dilinden terjime eden***
***Gandym GURBANOW.***